# Üç dogan (Hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 11 августа, 2025



***Italo KALWINO,***
***italýan ýazyjysy***

Doganlar Arnoldo, Jowanni hem-de Paolino uzyn boýly, daýanykly ýigitlerdi, emma olar beýleki oglanlara garanyňda, biraz akmagrakdylar. Olar üç bolup, irdenden agşama çenli mellekden çykman işleýärdiler.

Günleriň birinde doganlar uly ýoluň gyrasyndaky mellekde ýer kätmenläp ýörkäler, bir ötegçi üstüne saman ýüklenen eşegi bilen bularyň deňinden geçip barýardy. Ol gara der bolup işläp ýören oglanlary görüp:

– Salawmaleýkim! Armaweriň, ýigitler?! – diýip habar gatdy.

– Waleýkimessalam! Bar boluň! – diýip, doganlar bir wagtda jogap berdiler. Emma Arnoldo:

– Siziň bärde näme dahylyňyz bar? Men iň uly bolanym üçin, ol maňa salam berdi – diýip gatyrgandy.

– O nähili saňamyşyn, ol maňa salam berdi. Sebäbi araňyzda iň owadanyňyz men – diýip, Jowanni goşuldy.

– Ikiňizem sem boluň! Ol salamy maňa berdi. Sebäbi iň körpäňiz men – diýip, Paolino hem öz eňegine tutdy.

– Bu beýle däl!

– Hawa!

– Ýok!

– Sem bol!

Olar sanaşyp, hasam gaharlanyşdylar. Soňra ýaka tutuşmaga başladylar. Olar biri-birini itekläp, dyrnajaklaşyp, biri-birine agyz urdular. Ahyrynda köşeşmäge derek, gyzyl ýumruga girdiler, olar biri-biriniň çem gelen ýerine ýumruklary bilen doňdurdylar.

Ýoldan geçip barýan bir ýaşuly wagşyýana urşup duran üç oglany görüp:

– Ýigitler, hany, häziriň özünde bes ediň! Beýdip, urşup durmaga utanaňzokmy? Beýle sözüňiz azaşar ýaly näme boldy, düşündirip biljegiňiz ýokmy içiňizde? – diýip gygyrdy.

Doganlar ýaşulynyň soragyna jogap bermek üçin birsellem ýumruklaşmalaryny bes etdiler. Arnoldo demi-demine ýetmän:

– Biz hemişeki ýaly, öz gündelik işimiz bilen meşgullanyp ýördük. Ine, bir eşekli ötegçi deňimizden geçip barşyna maňa salam berdi. Inilerim bolsa maňa berlen salamy menden aljak bolýarlar – diýdi.

– Bu ýalan aýdýar! Ötegçi o salamy maňa berdi – diýip, Jowanni onuň sözüni böldi.

– Ýok! O salam ikiňize-de däl-de, maňa berlipdi – diýip, Paolino-da öz gezeginde salama eýe çykjak boldy.

Şeýdip olar ýene dawalaşmaga başlajak bolanlarynda:

– Bes ediň indi! Köşeşiň diýýän men size! – diýip, ýaşuly

azmly gygyrdy. — Ötegçiniň haýsyňyza salam berendigini bilmeýän bolsaňyz, bärde ýaka tutuşyp durmaň-da, onuň yzyndan ýetägetdin, özünden soraýsaňyz bolmaýarmy?

— Siz dogry aýdýarsyňyz — diýip, Jowanni ýaşulynyň maslahatyny makullady. Olaryň üçüsi üç ýerden özlerine salam beren ötegçiniň yzyndan ýetmek üçin ýelk ýasadylar.

Olar eşekli adamynyň garasyny görenlerinden:

— Duruň! Duruň! — diýip, ýerli-ýerden gygyrdylar.

Emma ötegçi biçäre yzyna seredende, özüne tarap eňip gelýän üç sany gaharly adamy görüp, ýüregi ýarylara gelipdir. Ol haýdan-haý eşegini hürsekläp başlapdyr. Emma garry eşegi näçe hürsekleseň-de, mundan çalt ýöremäge mejaly ýokdy. Doganlar hä diýmän onuň yzyndan ýetdiler.

— Menden näme isleýärsiňiz? Size menden näme gerek? — diýip, ýolagçy goja gorka-gorka sorady.

— Hiç zat! Hiç zat! Bary-ýogy birje soraga jogap almak isleýäris. Sen ýaňy biziň deňimizden geçip gaýdanyňda, haýsymyza salam berdiň? — diýip, demi demine ýetmän duran Arnoldo sorady.

Ýaşuly adam şobada bu ýaş ýigitleriň tentekdiklerini aňdy-da, ýaňsylap:

— Men salamy siziň iň tentegiňize berdim — diýdi-de, eşegi bilen ýene öz ýoluny dowam etdi.

— Iň tentegiňiz men, diýmek, ol salamy maňa beripdir — diýip, Arnoldo hemmeden öň dillendi.

— Ýok! Iň tentegiňiz men — diýip, Jowanni hem goşuldy.

— Ýok, men! — diýip, doganlaryň körpesi Jowannini itekledi.

Şeýdibem olar ýene-de urşup başladylar. Olar bir-birlerini öňküden-de has güýçli ýepbekleýärdiler.

Edil şol wagt ýene-de ýaňky ýaşuly geldi-de, bularyň urşup duranlaryny görüp, olara gygyrmaga başlady:

— Indi bir bes ediň-dä! Siziň henizem şol urşup ýörşüňizmi? Kime salam berlendigini gojadan soramadyňyzmy?

— Soradyk. Ol: «Kim iň tentek bolsa, şoňa salam berdim» diýdi — diýşip, doganlar has-haslap jogap berdiler.

— Hä-ä… indi düşündim. Görýän welin, siziň her haýsyňyz özüňizi «iň tentek» hasaplaýarsyňyz-da, şeýlemi? — diýip, ýaşuly mekirlik bilen ýylgyrdy. — Size bir gowy maslahat bereýin. Obanyň aňry ujunda bir kazy ýaşaýar. Ol örän dana hem bilgir adamdyr. Siz şonuň ýanyna baryň, ol siziň haýsyňyzyň has akmakdygyňyzy anyk aýdar.

Doganlar ýaşuly bilen razylaşyp, haýal etmän kazynyň ýanyna eňdiler. Kazy bularyň gürrüňlerini üns bilen diňländen soň, biraz dikelip, jaýlaşykly oturdy-da:

— Men edil şu wagt bu meseläni çözüp bilmerin. Gowusy, şeýdeliň: häzir siz öýüňize gaýdyň-da, on bäş gün geçenden soň täzeden geliň. Şonda heriňiz maňa on bäş günüň içinde bolan, siziň üçin iň wajyp bir wakany gürrüň berersiňiz. Ana, şondan soň men siziň meseläňizi anyk çözüp bilerin.

Doganlar kazynyň aýdanlary bilen razylaşyp, baş atdylar-da, öýlerine gaýtdylar. Laýyk on bäş gün diýlende, olar ýene kazynyň huzuryna bardylar.

— Gelen bolsaňyz, Arnoldodan başlaýalyň —diýip, kazy doganlara ýüzlendi. — Arnoldo, maňa soňky iki hepdäniň içinde bolan seniň üçin iň wajyp wakany gürrüň ber.

Arnoldo:

— Bir gün agşam, hemişekilerim ýaly meýhana gitdim. Öýe gaýdaýyn diýip daşary çyksam, gözüňi açyp bolmaýan gar syraýardy, sowuk şemally tupan turýardy. Munuň ýaly tupany men ömrümde görmändim, jenap kazy. Şonda men öz ýanymdan: «Öýe

gaýtmak üçin howa gaty sowuk, men şu ýerde galsam gowy bolar» diýip pikir etdim. Onuň ýaly sowuk howada töwekgelçilik etmek islemedim. Şeýdibem uzak ýolda üşäp ýörmän, şo ýerde, köçäniň ortasynda ýatmak kararyna geldim. Ertesi irden oýansam, daş-töwerek dyzdan gardy, men hiç hili hereket edip bilemokdym. Emma hä diýmän Gün asmana galdy, menem ýuwaş-ýuwaşdan eremäge başladym. Ana, şondan soň men öýe gaýtdym. Şo syrgynda öýe gaýtman, akylly hereket edipdirin, ýogsa syrkawlajagym ikuçsuz eken – diýip, öz başyndan geçirenlerini gürrüň berdi.

Kazy hiç zat gürlemän, üns bilen diňleýärdi, öz ýanyndan bolsa:

– Anyk karara gelmek kyn düşmese gerek?! Bularyñ içinde «iň akmagy» Arnoldo bolmaly! – diýip pikir ýöredýärdi. Soňra kazy:

– Ýeri, Jowanni, sen näme gürrüň berjek? – diýip, Jowannä ýüzlendi.

– Bir gün zeýtun iýesim geldi-de, bankaň içine elimi saldym. Emma bankaň agzy dar bolansoň, elimi yzyna çykaryp bilmedim. Eýdip gördüm-beýdip gördüm, hiç bolmady, elim daşyna çykarly däldi. Bu ýagdaý meniň degna damarlarymy hasam gatatdy. Men ahyrsoňy paltany alagetdin, elimden aýlap saldym.

– Näme? Näme etdiň? Näme üçin bankany döwmediň?

– O ýerde bankaň näme günäsi bar, bankadan çykasy gelmedik elim ahyry – diýip, Jowanni öz eden işinden göwnühoş bolup jogap berdi.

Kazy ýene oýa batdy:

– Bäh, bu-da barypýatan akmagyň biri ekenä-ä. Belli bir karara gelmek kyn boljak öýdýän?!

Soňra Paolino gürrüňe başlady:

– Bir gün agşam ýaňy bir ymyzgananymam şoldy welin, aýalym: «Daş gapynyň açyk duranyndan habaryň barmy? Özüň gapyny ýapyp

gel!» diýip, meni ukudan oýardy. Men oňa:

– Gidip, özüň ýap, maňa azar berme! – diýdim.

– Ýok, sen ýap!

– Men-ä turjak däl! – diýip, menem öz diýenimi tutdum. Şeýdibem biz sögüşmäge başladyk. Ahyry aýalym:

– Men indi seň bilen gürleşemok! – diýip, menden öýkeledi.

– Bolýa, menem seň bilen gürleşmerin! – diýdim. Şeýdibem biri-birimize arkamyzy öwrüp, uklap galypdyrys. Ertesi irden turanymyzda bolsa, bolup-geçenleri görüp, doňup galdyk. Gije öýümize ogry giripdir. Öýde dört diwardan başga zat goýmandyrlar. Hernä, bizi ogurlamandyrlar – diýip, Paolino hezil edip güldi.

Kazynyň gülküsi tutup, zordan saklandy. Emma töweregindäkilere bildirmejek bolup, ýarylara geldi, ýüzi çym gyzyl boldy.

– Näme boldy, jenap kazy? Ýaraňzokmy, özüňizi erbet duýýaňyzmy? – diýip, Arnoldo aladaly sorady.

– Ýok, hiç zat! Häzir men… häzir men derrewjik gelerin… – diýdi-de, gülküden ýarylaýjak bolup oturan kazy çykyp gitdi. Esli wagtdan soň ol dolanyp geldi-de:

– Men siziň ýaly akmaklara henize çenli duşmadym – diýdi.

Doganlar geň galyp, biri-birine seredişip ýylgyryşdylar.

– Gepiň tümmek ýeri, iň uly ýalňyşlygy Paolino edipdir. Ol öz öýüni gorap bilmändir. Kesekileriň öýüne girmegine ýol beripdir. Eýsem, ol adamlar Paolinonyň maşgalasyna zyýanam ýetirip bilerdiler ahyryn. Garaz, meniň iň soňky gelen netijäm şeýle: siziň araňyzda iň akmagyňyz Paolinodyr. Eşekli ötegçiniň beren salamy-da, Paolino degişlidir – diýip, kazy gelen netijesini aýtdy.

Şeýlelik bilen, doganlar öýlerine dolandylar. Begenjinden

Paolinonyň agzy bir ýere gelenokdy. Sebäbi kazy onuň doganlarynyň içinde iň akmagydygyny aýdypdy. Iň gyzykly ýerem, şol eşekli ötegçiniň beren salamy Paolino degişli edilipdi.

***Italýan dilinden terjime eden Yhlas BALLYÝEW,***
***Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby***